# SALGYT SALMAGYŇ ÝÖRELGELERI WE OLAR BARADAKY GARAÝYŞLAR

**Söhbet WEKILOW,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy*

**Gysgaça beýan**

Döwletiň ykdysadyýetini kadalaşdyrmakda salgyt ulgamy aýratyn orny eýeleýär we ýurdy ösdürmekde esasy gurallaryň biri bolup çykyş edýär. Ykdysadyýetiň salgytlar arkaly kadalaşdyrylmagy täze salgytlary bellemek ýa-da hereket edýän salgyt kanunçylygyna üýtgeşmeleri girizmek arkaly amala aşyrylýar. Salgyt töleýjileri, salgyt salynýan binýatlary, salgyt özenini, möçberini we ýeňilliklerini, salgytlary hasaplamagyň tertibini kesgitlemek bilen, döwlet milli bähbitlerden ugur alyp, telekeçiligi we maýa goýum işlerini höweslendirýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda ykdysadyýetiň durnukly ösmegini üpjün etmek maksady bilen, salgyt ulgamy işjeň döwrebaplaşdyrylýar. Salgyt ulgamyny kämilleşdirmek döwletimiziň ykdysadyýetiniň ösmegine we raýatlarymyzyň durmuş şertleriniň has hem ýokarlanmagyna ýardam berer.

**Esasy sözler:** salgyt salmak, salgyt ulgamy, salgyt syýasaty, salgyt kanunçylygy, salgyt ýörelgesi, salgyt hukuk gatnaşyklary, ykdysady binýat.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işlerini Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli dowam etmeginde ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň ösüşini ylmy esasda alyp barmagyň zerurlygyndan ugur alnyp, amala aşyrylýan özgertmelerde salgyt salmagyň ýörelgeleriniň netijeliligine aýratyn ähmiýet berilýär.

“Salgyt salmaklygyň ýörelgeleri” diýlip atlandyrylýan düşünje maliýe ylmynyň umumy ösüşiniň netijesidir. Salgyt salmagyň ýörelgelerine birnäçe düýpli talaplaryň jemi hökmünde düşünmek hökmanydyr, olara ygtybarly (döwletiň hereket etmegini üpjün etmek nukdaýnazaryndan), adalatly (salgyt töleýjileriň arasynda salgyt ýüküniň paýlanylyşynyň nukdaýnazaryndan) we netijeli (salgyt amallarynyň geçirilişine gatnaşýan ähli gatnaşyjylaryň serişdelerini, wagtyny we güýçlerini tygşytlamak nukdaýnazaryndan) bolmaklygynyň hasap edilmegine talapkärlik bildirilýän islendik salgyt salmak ulgamy laýyk gelmelidir. Salgyt salmagyň ýörelgeleri ilkinji gezek “takyklyk”, “netijelilik”, we “adalatlylyk” talaplary hökmünde nusgawy syýasy ykdysadyýetiň düýbüni tutujylar A.Smitiň we D.Rikardonyň ylmy işlerinde kesgitlenildi. Bu barada Gahryman Arkadagymyz “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy” atly düýpli ylmy işinde, hususan-da: “A.Smit we D.Rikardo “ykdysady erkinlik” diýen şygary esaslandyrdylar we ykdysady durmuşa döwletiň goşulyşmagyny çäklendirmek baradaky pikiri aýtdylar” diýip belleýär [2].

A.Smitden we D.Rikardodan ozal ykdysatçy alymlar öz ünslerini, esasan, hereket edýän salgyt salmak ulgamyny tankyt etmekde jemläpdirler. Mysal üçin, O.Mirabo salgytlaryň öwezini dolýan tölegler ulgamyny tankyt edipdir, F.Kýene salgytlar ýygnalanda hetdenaşa çykdajylaryň harçlanylmagyna aýratyn üns beripdir we ş.m. Şu tankytlarda olar käbir talaplary hem öňe sürýärdiler. Olaryň pikirlerine görä, şol talaplaryň ýerine ýetirilmegine bolsa, adalatly we netijeli salgyt ulgamy ýardam bolmalydy. O.Mirabo boýunça salgyt ulgamynyň netijeliligi – bu alynýan girdejiler bilen tölenýän salgytlaryň barabarlygydyr, salgytlar ýygnalanda amal edilýän harçlaryň çäklendirilmegidir we täze salgytlary girizmäge hökmany ýagdaýda raýatlaryň razyçylygynyň alynmagydyr.

F.Kýene we beýleki fiziokratlar ilkinji gezek jemi girdejä salgyt salmakdan arassa girdejä salgydyň salynmagynyň girizilmegine geçmek hakyndaky tekliplerini öňe sürdüler. Şonuň ýaly pikirleri nemes ykdysatçysy F.Ýusti, italýan alymy P.Werri we beýlekiler hem belläpdirler. Ýöne nusgawy görnüşinde salgyt salmagyň ýörelgeleri hökmünde şu talaplary A.Smit özüniň "Halklaryň baýlygynyň tebigaty we sebäpleri hakynda barlag" atly ylmy işinde ilkinji gezek kesgitledi. "Salgyt salmagyň maksimleri (esaslary)" görnüşinde meşhurlyga eýe bolan A.Smitiň dört ýörelgesi şulardan ybaratdyr [3]:

– birinjiden, alynýan girdejileriň möçberleri bilen salgyt salynýan binýatlaryň möçberleriniň barabarlygy (döwletiň ähli raýatlary, mümkin boldugyça, özleriniň güýç-kuwwatyna we ukyplylyklaryna laýyklykda döwletiň penalamagyndan we goragyndan peýdalanýandyklary üçin girdejileriň möçberinden ugur alyp hökümetiň çykdajylaryny üpjün etmek üçin gatnaşmalydyrlar);

– ikinjiden, her bir salgyt öz möçberine, şeýle hem tölenýän möhletlerine we tölenilişiniň usullaryna degişlilikde takyklanylmalydyr (salgydy tölemäge borçlanýan her bir tarap tötänleýin dälde, aýdyň kesgitlenilmelidir. Tölegleriň tölenýän möhletleri, tölenilişiniň usullary, onuň möçberi – şularyň ählisi salgyt töleýjiler üçin aýdyň we takyk bolmalydyr);

– üçünjiden, her bir salgyt ony töleýjiler üçin has amatly usulda we amatly möhletlerde ýygnalmalydyr (her bir salgyt salgyt töleýjä ony tölemäge has-da amatly wagt bolanda we oňa laýyk gelýän usulda ýygnalmalydyr);

– dördünjiden, her bir salgyt onuň ýygnalmagy bilen baglanyşykly goşmaça harajatlaryň, mümkin boldugyça, az möçberi esasynda guralmalydyr (her bir salgydyň ýygnalmagy onuň döwlet gaznasyna gelip gowuşýan möçberinden, mümkin boldugyça, ilata az möçberde agram salar ýaly göz öňünde tutmak, düýpli hem oýlanyşykly esasda pikirlenilip düzülmelidir. Adamlaryň bellenen tölegleri tölemäge borçlandyrylmagy, olaryň bu tölegleri has aňsatlyk bilen amala aşyrmagyna mümkinçilik berýän gaznalaryň möçberleriniň azaldylmagyna ýa-da düýbünden ýok edilmegine getirip biler).

A.Smitiň meşhur "salgyt salmagyň ýörelgelerine" goşulýan "takyklyk" talaby (iş ýüzünde bu ýörelge ondan hem öň mälim bolupdyr, emma bu alym tarapyndan ilkinji gezek has aýdyň we düşnükli kesgitlenilipdir) şondan öňki döwürlerde döwlet bilen raýatlaryň arasynda bolup geçýän käbir oňaýsyz ýagdaýlara, ýagny "bölünip bellenilýän salgytlardan" we öwezine berilýän töleglerden peýdalanylmagyna, doly agramly şaýy pulunda (ony erkin dolanyşykda tapyp bolmaýardy) salgytlaryň hasaplanylmagyna, salgytlaryň gaýtadan ýygnalyp alynmagyna, geljekki döwürler üçin salgytlaryň hakujy görnüşinde ýygnalyp alynmagyna we ş.m. jogap hökmünde öňe sürlüpdir.

Salgyt töleýji üçin salgyt salmagyň "netijeliligi" salgytlary tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly wagt, zähmet we pul babatda onuň ähli goşmaça harajatlarynyň iň pes derejesini üpjün edýändigini aňladýar. A.Smitiň teswirlemegine görä, bular salgyt salmagyň üçünji we dördünji ýörelgeleridir (salgyt töleýji üçin salgytlary tölemegiň wagt we tölenýän ýeri boýunça amatlylygy we goşmaça harajatlaryň iň pes derejesini üpjün etmek). A.Smit tarapyndan esaslandyrylan salgyt salmagyň "netijelilik" talaby şol döwürde salgytlar girizilende üýtgeşik şertleriň yglan edilmegi we salgytlar tölenilende çäklendirmeleriň ornaşdyrylmagy babatynda häkimiýet edaralarynyň ýol beren düzgün bozmalary bilen baglylykda öňe sürüldi. Bu ýagdaýlar salgyt töleýjileriň hal-ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagyna alyp barypdyr (salgyt töleýjiler üçin salgytlaryň ýygnalýan ýeriniň hem-de wagtynyň takyk bellenilmän galdyrylmagy, salgytlaryň delillendirilmedik esasda çalt-çaltdan ýygnalmagy, salgytlaryň diňe araçylaryň we dellallaryň üsti bilen töletdirilmegi hem-de şunuň bilen bagly çykdajylaryň salgyt töleýjileriň üstüne ýüklenilmegi).

A.Smitiň öňe süren taglymatyna laýyklykda, salgydyň "adalatlylygy" salgyt ýüküni onuň ähli töleýjileriň arasynda berk barabarlykda paýlanylmagyny aňladýar. A.Smitden öňki döwürlerde şonuň ýaly kadalylyk her bir raýatdan ýygnalyp alynýan salgydyň jemi boýunça arifmetiki deňligi görnüşinde teswirlenilipdir (salgydy jan başyna

paýlamak). A.Smitiň meşhurlygyna her bir raýatdan alynýan salgydyň pul möçberi onuň alýan girdejisine (emlägine) barabar gelmelidigini “salgyt adalatlylygy” diýip hasaplamak baradaky onuň öňe süren şygary uly täsir edipdir, başgaça aýdanyňda ol salgyt salmagyň proporsional usulyny girizipdir. Başgaça aýdylanda, A.Smit “Has köp girdeji alýan adam has köp salgytlary tölemelidir” diýip hasap edipdir. Şol döwürde bu ýörelge uly öňegidişlik hökmünde kabul edilipdir, sebäbi şol wagtda esasy sarp ediş harytlardan (duz, şeker, çörek we ş.m.) peýdalanýan has gurply raýatlara garanyňda (olaryň girdejilerinde şu harytlara salynýan salgydyň tutýan orny pesdi), az girdeji alýan raýatlar öz girdejileriniň uly bölegini şu salgytlar görnüşinde töleýärdiler.

Esasy salgyt ýörelgeleriniň hataryna goşup bolaýjak şertleriň ýene-de biri salgyt syýasatynyň durnuklylygydyr. Salgyt syýasatynyň durnuklylygy her bir döwletde salgyt ulgamy bilen berk baglanyşyklydyr. Dünýä tejribesine laýyklykda, salgyt salmagyň oňyn salgyt ulgamyny guramak üçin 4 sany esasy ýörelgelerden ugur alynýar. Salgyt salmagyň şu ýörelgeleri şekilde beýan edilýär.




**Şekil. Oňyn salgyt ulgamyny guramaklygyň ýörelgeleri [4]**

Salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň bu ýörelgeleri gymmatyň (jemgyýetiň jemi girdejisiniň, başgaça maliýe serişdeleriniň jeminiň) paýlanylmagynyň mazmuny, kanunalaýyklygy, döwürleýinligi hakyndaky düýpli ylmy düzgünnamalarynyň çygrydyr. Bu ýerde “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunynda we salgyt salmak ulgamyny kadalaşdyrýan beýleki hukuk namalarda ýokarda agzalyp geçilen dünýä tejribesine laýyk gelýän salgyt salmagyň ýörelgeleri ulanylýarmy we Türkmenistanyň häzirkizaman salgyt ulgamynyň gurluşyna haýsy şertler täsir edýär diýlen sowallar ýüze çykýar.

Salgyt salmagyň ilkinji ýörelgesi, ýagny salgyt salmagyň gurluşynyň maliýe ýörelgesi jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak nazaryýeti, has takygy, salgyt salmagyň ýeterlik we çeýe bolmagy bilen şertlendirilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlary döwletiň maliýe meýilnamalarynda göz öňünde tutulan ugurlary maliýeleşdirmek üçin ulanýar, döwlet býujetiniň girdejiler bölegini salgyt usuly bilen ýygnalýan zerur bolan pul serişdeleri bilen üpjün edýär we şol babatda hereket edýän salgytlar salgyt töleýjileriň ählisi üçin ýaramly bolup durýar. Bu bolsa Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň çeýeligini oňyn tarapdan häsiýetlendirýär. Salgyt salmagy ykdysadyýetiň ösüş maksatlaryna laýyk getirmek ýörelgesi (ikinji ýörelge), Türkmenistanyň gysga we uzak möhletlere niýetlenen ykdysady meýilnamalarynda öz beýanyny tapýar.

Salgyt salmagyň üçünji ýörelgesi, ýagny salgyt salmagyň etiki we adalatlylyk ýörelgeleri

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 1-nji, 49-njy, 75-nji, 78-nji, 79-njy we beýleki köpsanly maddalarynda göz öňünde tutulyp, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmaklygyň ählumumylygyny we deňligini ykrar etmeklige esaslanýandygyny, tölenen salgydyň pul möçberiniň kesgitlenen möçberden artyk bolan halatynda salgyt edarasy tarapyndan yzyna geçirilýändigini, salgyt edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň salgyt syrlaryny hem-de salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) baradaky maglumatlary saklamagyň düzgünlerini salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gaýry gatnaşyjylaryň abraýyny hem-de mertebesini hormatlamalydygyny, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky maglumatlaryň, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulanlaryndan başgasynyň gizlinligini saklamaga borçludyklaryny, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan salgyt edaralary, beýleki edaralar, şeýle hem olaryň wezipeli adamlary we gullukçylary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýändiklerini beýan edýär.

Salgyt salmagyň edara ediş-tehniki ýa-da salgytlary dolandyrmak ýörelgesi (dördünji ýörelge) “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 71-94-nji we beýleki maddalaryndan eriş-argaç bolup geçýär. Bu maddalarda salgyt salmaklygy dolandyrmak üçin Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýeti we onuň welaýatlardaky, şäherlerdäki we etraplardaky düzüm birlikleriniň Türkmenistanyň salgyt edaralary bolup çykyş etmek bilen öz işlerini beýleki döwlet häkimiýeti edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşykda alyp barýandyklary, şeýle hem salgyt barlaglaryny geçirýändikleri barada takyk bellenilýär.

Şeýlelikde, islendik döwletiň durnukly ösmegini üpjün etmek üçin salgyt salmagyň ýokarda sanalyp geçilen esasy ýörelgeleri hasaba alynmalydyr we berk berjaý edilmelidir. Olar döwlet salgyt syýasatyny alyp barmagyň, salgyt ulgamyna degişli kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlamagyň we yzygiderli kämilleşdirmegiň, salgyt jedellerini kazyýet tertibinde çözmegiň binýadynda goýulýar. Hatda olar kanunyň ýa-da beýleki resminamalaryň anyk ölçeglerinde gönüden-göni öz beýanyny tapmadyk hem bolsalar, bu ýörelgeler özleriniň ähmiýetini ýitirmeýärler.

Hormatly Prezidentimiz “Durmuşda ähli zat biri-biri bilen bagly. Parahatçylyk, gülläp ösüş, asuda asman, abadan durmuş ýaly düşünjeler bolçulygyň, bagtyýar ýaşaýşyň açary hasaplanýar. Sebäbi bolçulyk üçin abadan durmuş, bagtyýar ýaşaýyş üçin bolsa parahatçylyk hem gülläp ösüş gerek. Biziň ýurdumyzda bularyň ikisi-de bar. Ilatyň bagtyýar ýaşaýşyny, ykdysadyýetiniň gülläp ösüşini üpjün edýän ata Watanymyzyň halkara derejesindäki abraýy, tutýan orny, ýurdumyzda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmelerimiz ilatyň sanyna, ýaş düzümine hem täsirini ýetirýär” diýip belleýär [1]. Şu hem Türkmenistanyň syýasatynda, ykdysadyýetinde we medeniýetinde ähli amala aşyrylýan özgertmeleriň adamyň mynasyp ýaşaýşyny, abadançylygyny we ýurduň her bir raýatynyň şahsy mümkinçiligini hemmetaraplaýyn erkin ösdürmekde şertleri döretmäge gönükdirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

## EDEBIÝAT


1. Serdar Berdimuhamedow. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. Смит А. Исследование о природе и причинах богатства народов. – М.: Эксмо, 2007.

4. Wekilow S. Salgyt salmagyň ýörelgelerine degişli garaýyşlaryň ylmy seljermesi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. №2, 2017.